Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2017-nji ýylyň 10-njy iýulynda çykaran 211 belgili
**B U Ý R U G Y**

**Ilkinji kömegiň berilýän saglyk ýagdaýlarynyň sanawyny we ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň sanawyny tassyklamak barada**

(Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýygyndysy, 2019 ý., № 1 (31), 480-nji sahypa)

"Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 33-nji maddasyna laýyklykda hem-de Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Düzgünnamasy esasynda, **buýurýaryn :**

1. Ilkinji kömegiň berilýän saglyk ýagdaýlarynyň sanawyny we ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň sanawyny tassyklamaly (goşulýar).
2. Şu buýrugyň 1-nji bölüminde görkezilen resminamany ähli saglygy goraýyş edaralaryň dykgatyna ýetirmeli.
3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine gözegçiligi ministriň orunbasarlarynyň üstlerine ýüklemeli.

**Ministr** **N.Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2017-nji ýylyň 10-njy iýulynda
çykaran 211 belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Ilkinji kömegiň berilýän saglyk ýagdaýlarynyň sanawy we ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň sanawy**

**1. Ilkinji kömegiň berilýän saglyk ýagdaýlarynyň sanawy:**

1. Huşuny ýitirmek;
2. Dem alyşyň we gan aýlanyşygyň togtamagy;
3. Daşky gan akmalar;
4. Ýokarky dem alyş ýollarynda del jisimiň bolmagy;
5. Bedeniň şikesi;
6. Ýanyklar, ýokary derejeli gyzgynyň bedene täsiri, gün urmak;
7. Elektroşikesler;
8. Sowuk urmak;

9. Zäherlenmeler.

**2. Ilkinji kömegi bermek boýunça çäreleriň sanawy:**

1. Ýaşaýyş alamatlary ýüze çykýança, öýken-ýürek reanimasiýayny geçirmek;
2. Ýüregiň göni däl owkalamasyny geçirmek;
3. Dem alyş ýollaryny arassalap, emeli dem bermek (agyzdan agza, agyzdan buruna);
4. Gan akmalar bolan ýagdaýynda gan akmany saklamak:

a) arteriýany barmak bilen basyp gysmak arkaly;
b) žgut bilen daňmak arkaly;
w) ahyrlary doly eplemek arkaly;
d) ýarany basmak arkaly;
ç) gysýan daňy arkaly;

5. Şinalary goýmak (golaýda bar bolan (taýak, tagta) serişdeleriň kömegi bilen);
6. Aşgazany ýuwmak;
7. Şikeslerde ýerli sowuk, buz goýmak;
8. Ejir çekene amatly ýagdaý döretmek;
9. Ejir çekene ruhy goldaw bermek.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2017-nji ýylyň 31-nji iýulynda bellige alyndy.
Bellige alyş sany 1081.